# 2022-nji ÝYLDA TÜRKMENISTANYŇ ILATYNYŇ WE ÝAŞAÝYŞ JAÝ GORUNYŇ UÇDANTUTMA ÝAZUWYNYŇ GEÇIRILIŞINE SYN

# MAZMUNY


| | | |
|---|---|---|
| | Sözbaşy | 2 |
| 1. | 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmegiň guramaçylyk meseleleri | 3 |
| 2. | Kartografiýa | 4 |
| 3. | Salgylar sanawy | 5 |
| 4. | Binalaryň we öý hojalyklarynyň listingi | 7 |
| 5. | Ýazuw bölümçeleri | 8 |
| 6. | Döwlet klassifikatorlary | 9 |
| 7. | Ýaşyrynlyk | 10 |
| 8. | Elektron ilat ýazuwy | 10 |
| 9. | Ýazuw kagyzlary we gollanma materiallary | 12 |
| 10. | Ilat ýazuwy üçin goşmaça işgärler | 15 |
| 11. | Ilat ýazuwynyň şygary we nyşany | 16 |
| 12. | Sanaýjylaryň ekipirowkasy | 17 |
| 13. | Synaglaýyn ilat ýazuwy | 18 |
| 14. | Barmasy kyn bolan ýa-da uzakda ýerleşen ilatly ýerlerdäki ilat ýazuwy | 19 |
| 15. | Uçdantutma ilat ýazuwy | 20 |
| 16. | Ilat ýazuwy we köpçülik | 20 |
| 17. | Ilat ýazuwynyň jemleri | 26 |
| 18. | Ilat ýazuwynyň jemlerini ýaýratmak | 28 |
| 19. | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk | 29 |

## Sözbaşy

I. Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we durmuş geňeşiniň 2015-nji ýylyň 10-njy iýunynda kabul eden “Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň 2020-nji ýyldaky ýazuwynyň Bütindünýä maksatnamasy” barada kararnamasynda dünýä ýurtlary ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň nobatdaky ýazuwlaryny 2015-2024-nji ýyllar aralygynda geçirmäge çagyryldy.

II. Bu Bütindünýä çäresine gatnaşmak maksady bilen, Türkmenistanda taýýarlyk işlerine başlanyldy. Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň netijeleri ýurduň döwlet, sebitleýin we pudaklaýyn ösüş maksatnamalaryny işläp taýýarlamak we üstünlikli amala aşyrmak, Döwlet býujetini işläp düzmek we ýaşaýyş jaý syýasatyny netijeli geçirmek üçin ygtybarly maglumat binýady bolup durýar.

III. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda çykaran 410 belgili kararyna laýyklykda, 2022-nji ýylyň 17-nji – 27-nji dekabry aralygynda Berkarar döwletimiziň mundan beýläk-de ösmegi üçin ygtybarly binýady döretmek maksady bilen, **«Ilat ýazuwy–2022: Jebislik, Bagtyýarlyk, Röwşen geljek!»** şygar bilen Türkmenistanda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwy geçirildi.

# 1. 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmegiň guramaçylyk meseleleri

1.1. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda çykaran "2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmek hakynda" 410 belgili kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny (mundan beýläk – Ilat ýazuwy) 2022-nji ýylyň 17-nji – 27-nji dekabry aralygynda geçirmeklik bellenildi hem-de 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmegiň meýilnamasy (mundan beýläk – Meýilnama) tassyklanyldy.

1.2. Meýilnama 38 sany çäräni özünde jemleýän üç tapgyrdan ybarat resminama. Meýilnamanyň birinji tapgyry taýýarlyk döwri bolup, 2018-nji ýylyň ýanwaryndan 2022-nji ýylyň dekabry (17-nji dekabra çenli) aralygynda ýerine ýetirilmegi göz öňünde tutýan 25 sany çäräni özünde jemleýär. Meýilnamanyň ikinji tapgyry ilat ýazuwynyň geçirilýän döwri bolup, 2022-nji ýylyň dekabryndan (17-nji dekabryndan) 2023-nji ýylyň ýanwarynyň birinji ýarymy aralygynda ýerine ýetirilmegi göz öňünde tutýan 10 sany çäräni öz içine alýar. Meýilnamanyň üçünji tapgyry jemleýji tapgyr bolup, 2023-nji ýylyň ýanwaryndan (ikinji ýarymyndan) 2024-nji ýylyň dekabry aralygynda ýerine ýetirilmegi göz öňünde tutýan 3 sany çäräni öz içine alýar.

1.3. Meýilnamanyň ýedi çäresi (1, 3, 12, 13, 25, 36, 37) Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan ýerine ýetirilmäge degişli, on sekiz çäresi (2, 4–7, 10–11, 14–17, 21–23, 26, 32, 34, 38) Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan beýleki degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikde ýerine ýetirilmäge degişli, on üç çäresi (8–9, 18–20, 24, 27–31, 33, 35) Türkmenistanyň beýleki degişli ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan ýerine ýetirilmäge degişli.

1.4. Meýilnamanyň esasynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetinde 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmegiň Senenama meýilnamasy (mundan beýläk – Senenama meýilnamasy) taýýarlanyldy. Bu Senenama meýilnamasy sebitleýin statistika müdirlikleriniň Senenama meýilnamalarynyň esasyny düzdi.

1.5. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 25-nji oktýabryndaky 410 belgili karary bilen 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmek boýunça döwlet topary (mundan beýläk – Döwlet topary) döredildi we onuň düzümi tassyklanyldy. Döwlet toparynyň düzümine 30-a golaý ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary girdi.

1.6. 2017-nji ýylyň dekabr aýynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetinde 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyna taýýarlyk görmek we geçirmek boýunça iş topary döredildi we onuň düzümine Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary we 13 sany düzüm birlikleriniň ýolbaşçylary we wekilleri girdi.

1.7. 2017-2018-nji ýyllarda 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyna taýýarlyk görmek we ony geçirmek boýunça welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimliklerinde sebitleýin iş toparlary döredildi. Iş toparlarynyň düzümine degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň sebitdäki edaralarynyň ýolbaşçylary, wekilleri girdi.

1.8. 2017-2018-nji ýyllarda welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň statistika müdirliklerinde 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyna taýýarlyk görmek we geçirmek boýunça sebitleýin iş toparlary döredildi. Iş toparlaryň düzümine sebitiň statistika edarasynyň degişli bölümleriniň we etrap (şäher) bölümleriniň ýolbaşçylary girdi.

## 2. Kartografiýa

2.1. Ilatly ýerlerdäki binalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň (ýaşamak üçin peýdalanylýan ýaşaýyş däl binalary we ýaşaýyş jaýlaryny goşmak bilen) hem-de olarda ýaşaýan ilatyň sanawyny (reýestrini) döretmek maksady bilen, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri tarapyndan Türkmenistan boýunça ilatly ýerleriň köçeleriniň atlarynyň sanawy taýýarlanyldy.

2.2. Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň 5-nji kärhanasy tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 25-nji oktýabryndaky “2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmek hakynda” 410 belgili kararyna we şol karar bilen tassyklanan Meýilnamanyň 8-nji bendine laýyklykda, 2018-2020-nji ýyllarda Türkmenistanyň şäherleriniň, şäherçeleriniň we oba ilatly ýerleriniň shemalaýyn sahypaly kartalaryny düzmek boýunça Tehniki tabşyryk taýýarlanyldy we kartalar düzülende Türkmenistanyň edara ediş ýerli birlikleriniň döwlet klassifikatory ulanyldy.

2.3. 2019 – 2020-nji ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň 5-nji kärhanasyndan Türkmenistanyň şäherleriniň, şäherçeleriniň we oba ilatly ýerleriniň düzülen jemi 1 832 sany kartografiki çyzgy nusgalary Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine tapgyrlaýyn gelip gowuşdy.

2.4. Ilatly ýerleriň kartografiki çyzgylary ýerlerde ýerli häkimiýet edaralarynyň, statistika edaralarynyň wekilleri bilen bilelikde barlandy.




## 3. Salgylar sanawy

3.1. 2018-nji ýylda Ilatly ýerlerde ýaşaýan ilatyň ýerleşýän ýerine (salgysyna) baglanan sanawyny awtomatlaşdyrylan usulda döretmek we ýöretmek maksady bilen, “Salgylar sanawy” programma üpjünçiliginiň tehniki tabşyrygy işlenip taýýarlanyldy we degişli edaralar bilen ylalaşyldy.

3.2. Dünýä tejribesinde käbir ýurtlarda milli ilat ýazuwlarynyň CAPI usulynda geçirilendigini nazara almak bilen, ýurtda öndürilýän planşetleri öwrenmek we ilat ýazuwynda ulanmak meselesi boýunça Türkmenistanyň Senagat ministrligi bilen iş geçirildi.

3.3. 2019-njy ýylyň iýun aýynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti “Salgylar sanawy” awtomatlaşdyrylan ulgamyny satyn almak üçin Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine ÝÜZTUTMA iberdi.

3.4. 2019-njy ýylyň 8-nji awgustynda “Salgylar sanawy” awtomatlaşdyrylan ulgamyny satyn almak üçin geçirilen açyk bäsleşikde “Ýokary tilsimatlar merkezi” hojalyk jemgyýeti ýeňiji diýlip yglan edildi.

3.5. 2021-nji ýylyň başynda “Salgylar sanawy” awtomatlaşdyrylan ulgam ýerli häkimiýet edaralarynda ornaşdyryldy we bu edaralaryň degişli wekilleri tarapyndan awtomatlaşdyrylan ulgama maglumatlar girizilip başlandy.



## 4. Binalaryň we öý hojalyklarynyň listingi

4.1. Listing – bu hereket edýän kartalary derwaýyslaşdyrmak, ýagny kartadaky maglumatlary barlamak we şol salgyda goşmaça ýaşaýyş binalar bolan halatynda, olary şol kartalara girizmekdir.

4.2. Listingi geçirmegiň maksady - maglumatlary derwaýyslaşdyrmak we olaryň esasynda kartalary ýazuw bölümlerine hem-de ýazuw bölümçlerine bölmek.

4.3. Kartografiýa materiallaryny ilatly ýerlerdäki binalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň (ýaşamak üçin peýdalanylýan ýaşaýyş däl binalary we ýaşaýyş jaýlary goşmak bilen) we olarda ýaşaýan ilatyň sanawyny (reýestri) anyklamak maksady bilen, 2021-nji ýylyň 14-nji iýuny – 12-nji iýuly aralygynda binalaryň we öý hojalyklarynyň listingi geçirildi.

4.4. Listingi geçirmek üçin ýörite № 1 görnüş «Binalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň we öý hojalyklarynyň listingi» blankasy kitapça görnüşinde işlenip taýýarlanyldy we 2021-nji ýylyň mart aýynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň buýrugy bilen bu blanka we ony doldurmak boýunça gözükdirme tassyklanyldy.

4.5. Listinge welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri tarapyndan sebitleriň ýerli häkimiýet, bilim we beýleki döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň işgärlerinden, şeýle-de ýokary, orta we başlangyç hünär mekdepleriniň talyplaryndan jemi 1 993 adam wagtlaýyn ýazuw işgärleri çekildi:

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 281 | Balkan welaýaty | 188 | Lebap welaýaty | 435 |
| Ahal welaýaty | 229 | Daşoguz welaýaty | 413 | Mary welaýaty | 447 |

4.6. 2021-nji ýylyň 1-nji – 12-nji iýuny aralygynda binalaryň we öý hojalyklaryň listingine gatnaşjak daşyndan çekilen wagtlaýyn ýazuw işgärleri üçin gözükdirme işleri geçirildi.

4.7. Geçirilen listingiň netijesinde Türkmenistan boýunça 2 095 sany listing kitapçasy dolduryldy.

4.8. Listingiň gidişinde öý hojalyklar we olarda ýaşaýan adamlar barada maglumatlar ýygnaldy.


TÜRKMENISTANYŇ STATISTIKA BARADAKY DÖWLET KOMITETI
2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň
uçdantutma ýazuwy
№ 1 görnüş «Binalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň we öý hojalyklarynyň listingi»

Welaýat, Aşgabat ş. Daşoguz
Etrap (etrap hukukly şäher) Akdepe
Şäher, şäherçe, geňeşlik Agöýli
Ilatly ýer Üzümbag

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Welaýat, Aşgabat ş. | | | 6 | Bellige alyş uçastogynyň belgisi | | | | |
| Etrap (etrap hukukly şäher) | 2 | 1 | 7 | Bellige alyjynyň belgisi | | 0 | 0 | 2 |
| Şäher, şäherçe, geňeşlik | 8 | 0 | 1 | Shemalaýyn meýilnamanyň (kartalar) № | 1 | 2 | 1 | 5 |
| Ilatly ýer | | 4 | 2 | Ilatly ýeriň kartasynyň sahypasynyň № | | | 0 | 2 |
| Ilatly ýeriň görnüşi (1–şäher, 2–oba) | | | 2 | | | | | |

Bellige alyjynyň ady, familiýasy____________________

Statistika müdirligiň jogapkär işgäriniň ady, familiýasy____________________



| Setiriň tertip belgisi | Salgysy: Etrapçanyň, ýaşaýyş toplumynyň, kwartalyň, köçäniň, geçelgäniň, sowgadyň ady | Salgysy: Jaýyň (binanyň) belgisi | Ýaşaýyş binasynyň (esasy) gurlan ýyly | Ýaşaýyş binasynyň (esasy) gatlarynyň sany 1- bir gatly 2- iki gatly 3- üç we ondan köp gatly | Öýüň belgisi | Ýaşaýyş binasynyň (esasy) tertip belgisi | Ýaşaýyş jaýynyň esasy eýesiniň (kireýine alýanyň) familiýasy, ady | Öý hojalyklarynyň sany | Öý hojalyklarynyň agzalarynyň sany | Ýaşamak üçin ulanylýan goşmaça binalaryň sany | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 |

## 5. Ýazuw bölümçeleri

5.1. Ilat ýazuwynyň elektron formatda geçirilmeginiň halkara tejribesini öwrenmek bilen hem-de halkara maslahatlaryndan ugur alyp, 11 günüň dowamynda (17-27-nji dekabry aralygynda) bir sanaýjynyň aýlanyp we soraşmaly adamlarynyň sany, ýagny sanaýjynyň iş ýüki 500-550 adam sany alyndy.

5.2. Şunuň bilen baglylykda, ýazuw bölümçeleri (sanaýjynyň uçastogy) şäher ýerlerinde 550 adamdan, oba ýerlerinde 500 adamdan ybarat boldy.

5.3. Az ilatly (500 adamdan az) oba ýerlerinde döredilýän ýazuw bölümçeleri birnäçe ilatly ýerden ybarat bolup biler. Bu ýagdaýda ilatly ýerleriň biri-birinden uzaklygy göz öňüne tutuldy.



5.4. Türkmenistanyň ilatly ýerleriniň ýaşaýyş jaýlarynyň elektron kartalaryny döretmek üçin binalaryň we öý hojalyklaryň geçirilen listinginiň jemleri kartografiýa materiallary hem-de “Salgylar sanawynyň” maglumatlary bilen birikdirildi. Emele gelen maglumatlara laýyklykda elektron kartada ilatly ýerler jemi 12 161 sany ýazuw bölümçelerine bölündi:

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 1 307 | Balkan welaýaty | 899 | Lebap welaýaty | 2 546 |
| Ahal welaýaty | 1 702 | Daşoguz welaýaty | 2 785 | Mary welaýaty | 2 922 |



5.5. Ýazuw bölümleri ortaça 20 ýazuw bölümçelerinden ybarat bolup, olaryň sany jemi 615 deň boldy:

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 59 | Balkan welaýaty | 43 | Lebap welaýaty | 128 |
| Ahal welaýaty | 101 | Daşoguz welaýaty | 136 | Mary welaýaty | 148 |

## 6. Döwlet klassifikatorlary

6.1. Ilat ýazuwynyň sowalnamalaryny doldurmak we awtomatlaşdyrylan maglumatlar binýadyny emele getirmek üçin zerur bolan klassifikatorlary, ýagny Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryny we Türkmenistanyň ilaty baradaky maglumatlaryň döwlet klassifikatoryny kämilleşdirmek boýunça we olara girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen ylalaşmak boýunça işler geçirildi.

6.2. 2021-nji ýylyň maý aýynda TDS 1.18-2011 Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna 1 belgili üýtgetme girizildi we iýun aýynda TDS 714-2021 Türkmenistanyň Ilaty baradaky maglumatlaryň döwlet klassifikatorynyň täze nusgasy tassyklanyldy.

## 7. Ýaşyrynlyk

7.1. 2018-nji ýyldan başlap Türkmenistanyň “Statistika hakynda” kanunynyň (24-nji maddasy “Ýaşyrynlygyň kepillendirilmeginiň hem-de statistik maglumatlary berýän şahslaryň hukuklarynyň goralmagynyň üpjün edilmegi”) we “Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda” kanunynyň (9-njy maddasy “Subýektiň razylygy bolmazdan şahsy maglumatlary ýygnamak we işläp taýýarlamak”) talaplaryny berjaý etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan 2012-nji ýylda tassyklanan “Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçtantutma ýazuwy geçirilende raýatlaryň we öý hojalyklarynyň şahsy maglumatlarynyň goragy hakynda düzgünnamanyň” esasynda 2022-nji ýylda ilat ýazuwyny geçirmek üçin “Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçtantutma ýazuwy we öý hojalyklarynyň gözegçiligi geçirilende raýatlaryň we öý hojalyklarynyň şahsy maglumatlarynyň goragy hakynda düzgünnamany” taýýarlamak we ylalaşmak boýunça degişli edaralar bilen iş geçirildi.

7.2. 2022-nji ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň buýrugy bilen «Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwy geçirilende raýatlaryň we öý hojalyklarynyň şahsy maglumatlarynyň goragy hakynda Düzgünnama» tassyklanyldy.

7.3. Düzgünnama laýyklykda Ilat ýazuwyna, şol sanda synaglaýyn ilat ýazuwyna we uzakda ýerleşýän we barmasy kyn bolan ýerlerdäki ilat ýazuwyna wagtlaýyn çekilýän ýazuw işgärleri, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2012-nji ýylyň 23-nji martyndaky 4g belgili buýrugy bilen tassyklanylan Elýeterliligi çäklendirilen statistiki maglumatlary aýan etmezlik hakyndaky borçnama gol çekýärler we onda görkezilen talaplary berjaý etmäge borçlanýarlar.

## 8. Elektron ilat ýazuwy

8.1. 2018-nji ýylda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan “2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmekde elektron ýa-da kagyz görnüşli soraşma usulyny saýlap almak boýunça ykdysady delillendirmeler” taýýarlanyldy.

8.2. Dünýä tejribesinde milli ilat ýazuwlarynyň CAPI usulynda geçirilýändigini nazara almak bilen, ýurtda öndürilýän planşetleri öwrenmek we ilat ýazuwynda ulanmak meselesi boýunça Türkmenistanyň Senagat ministrligi bilen iş geçirildi.

8.3. 2020-nji ýylyň başynda 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny sanly tehnologiýalary ulanmak arkaly geçirmek we onuň üçin Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan ýörite programma üpjünçiligini we zerur enjamlary, planşetleri bäsleşik esasynda satyn almak meselesi degişli tertipde ylalaşyldy.

8.4. 2021-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen “Türkmenaragatnaşyk” agentliginiň arasynda “2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmek hakynda” şertnama baglaşyldy. Oňa laýyklykda, ilat ýazuwynyň gidişinde ilatdan soraşma arkaly alnan maglumatlary gös-göni planşete girizmek we jemlemek üçin ýörite mobil programma üpjünçiligi işlenilip düzüldi we Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bu programma üpjünçiligi hem-de zerur planşetler bilen üpjün edildi. Şeýle-de, ilat ýazuwynyň dowamynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýerli edaralarynda ýygnaljak maglumatlary merkezi edara jemlemek üçin “Türkmenaragatnaşyk” agentligi tarapyndan ýörite infrastruktura döredildi.

8.5. Ilat ýazuwyny sanly tehnologiýalary ulanmak arkaly geçirmekde daşary ýurt abraýly IT-kompaniýalaryň döwrebap, uly mümkinçilikli we kuwwatly enjamlaryny ulanmak maksady bilen, bu enjamlary satyn almak Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen BMG-niň Ilat Gaznasynyň arasyndaky “Durnukly milli ösüş üçin jikme-jik maglumatlar” atly taslamanyň 2020 – 2022-nji ýyllar üçin ýyllyk Iş meýilnamalarynda göz öňünde tutuldy.

8.6. “Türkmenaragatnaşyk” agentliginiň Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ilat ýazuwy üçin tehniki üpjünçiligine geçiren tükelleýiş işiniň netijesinde, zerur tehnikanyň sanawy düzüldi we ýokarda görkezilen ýyllyk Iş meýilnamalarynyň çäklerinde Hökümetiň serişdeleriniň hasabyna olar bilen üpjün edildi.

8.7. “Türkmenaragatnaşyk” agentligi tarapyndan çekilen “Belgi” hojalyk jemgyýeti tarapyndan ilat ýazuwynyň maglumatlaryny planşetlere girizmek, ýerli statistika edaralaryndan Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň merkezi edarasyndaky baş serwere geçirmek, maglumatlary işlemek we degişli görkezijier boýunça agregirlenen maglumatlary almak boýunça ýörite köpugurly programma üpjünçiligi işlenip taýýarlanyldy.




## 9. Ýazuw kagyzlary we gollanma materiallary

9.1. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň merkezi edarasynda 2022-nji ýylda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyna taýýarlyk görmek we geçirmek boýunça iş topary tarapyndan 2012-nji ýylda geçirilen ilat ýazuwynda ulanylan ýazuw kagyzlaryna seredildi we 2015-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan makullanan Ýewropa statistikleriniň Konferensiýasynyň 2020-nji ýylda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň ýazuwyny geçirmek boýunça tekliplerini, şeýle-de käbir beýleki ýurtlarda geçirilen ilat ýazuwlaryň tejribesini nazara almak bilen gaýtadan işlenildi.

9.2. Ýazuw kagyzlary halkara guramalarynyň we Türkmenistan döwletiniň talaplaryna laýyklykda işlenip düzüldi. Olar 98% halkara ölçeglerine laýyk gelýär.

9.3. Ilat ýazuwy üçin 6 sany ýazuw kagyzlary işlenip taýýarlanyldy.

9.4. Ýazuw kagyzlaryna girizilen üýtgetmeler Ýewropa statistikleriniň Konferensiýasynyň 2020-nji ýylda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň ýazuwyny geçirmek boýunça maslahatlaryna esaslanmaly diýen nukdaýnazardan ugur alyndy we ýazuw kagyzlaryndaky sowallaryň aglaba bölegi ýokarda agzalan maslahatlaryň anyk bentlerine gabat gelýär:

**«1-nji Ýazuw kagyzy» -** “Ýaşalýan jaýlar üçin binanyň kartoçkasy (her bina üçin aýratyn doldurylýar)” – binanyň görnüşi (872-nji bent), gurluşygyň gurlan döwri (988-nji bent), gurluşykdaky gatlaryň sany (984-nji bent), daşky diwarlaryň materialy (992-nji bent) we ş.m.;

**«2-nji Ýazuw kagyzy» -** “Ýaşaýyş jaýynyň häsiýetnamasy we ýaşamagyň arassaçylyk-gigiýena şertleri” – eýeçiligiň görnüşi (912-nji bent), gaz üpjünçiligi (968-nji bent), elektrik energiýasy (966-njy bent), ýyladyş üçin energiýanyň esasy görnüşi (963-nji bent), suw üpjünçiligi (937-nji bent), lagym gurluşynyň görnüşi (953-nji bent), aşhana (955-nji bent), hajathana (942-nji bent);

**«3-nji Ýazuw kagyzy»** - “Ilat ýazuwyna degişli bolan adamlaryň sanawy” – adaty ýaşaýyş jaýlarda ýaşaýan öý hojalygynyň adamlarynyň sanawyny öz içine alýan barlag resminama;

**«3-ýörite Ýazuw kagyzy»** - “Ilat ýazuwyna degişli bolan ýöriteleşdirilen edaralaryndaky adamlaryň sanawy” – institusional edaralarda wagtlaýyn ýaşaýan adamlaryň sanawyny öz içine alýan barlag resminama;

**«4-nji Ýazuw kagyzy»** - adaty ýaşaýyş jaýlarda ýaşaýan öý hojalygynyň her adamy üçin aýratyn doldurylýar: jynsy (454-nji bent), ýaşy (457-nji bent), milleti (700-nji bent), ene dili we ondan başga bilýän dilleri (723-nji bent), doglan ýurdy – esasy alamat (648-nji bent), nika ýagdaýy (460-njy bent), raýatlygy (655-nji bent), daşary ýurtda ýaşamagy we ýurda gelen ýyly (662-nji bent), migrasiýa meselesi (670-nji bent), doglan ýeri (678-nji bent), öňki ýaşan ýeri we häzirki ýaşaýan ýerine gelen wagty (682-nji bent), bilim derejesi (602-nji bent), meşgullanmak statusy (536-njy bent), ýaşaýyş serişdeleriniň çeşmesi (570-nji bent), işçi güýç düzümine gatnaşygynyň statusy (496-nji bent);

**«5-nji Ýazuw kagyzy» -** (ýöriteleşdirilen edaradaky her bir adama doldurylýar).

9.5. Ýazuw kagyzlary jemi 82 soragdan ybarat.

9.6. Ýazuw kagyzlarynyň taslamalary 30-a golaý ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen ylalaşyldy.

9.7. Ýazuw kagyzlarynyň taslamalary Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýanyndaky Statistika boýunça Pudagara geňeşiniň 2020-nji ýylyň maý aýynda geçirilen mejlisinde ara alnyp maslahatlaşyldy.

9.8. Ýazuw kagyzlary BMG-niň Ilat gaznasy tarapyndan çekilen halkara bilermenler tarapyndan hem ara alnyp maslahatlaşyldy.

9.9. 2021-nji ýylyň oktýabr aýynda synaglaýyn ilat ýazuwy üçin Ýazuw kagyzlary (6 sany) Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň buýrugy bilen tassyklanyldy.

9.10. 2022-nji ýylyň oktýabr aýynda uçdantutma ilat ýazuwy üçin synaglaýyn ilat ýazuwynyň netijelerini we ýokary derejeli halkara bilermenleriň maslahatlaryny hasaba almak bilen kämilleşdirilen Ýazuw kagyzlary (6 sany) Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň buýrugy bilen tassyklanyldy.








9.11. Ilat ýazuwy üçin aşakdakylar taýýarlanyldy we tassyklanyldy:

– Binalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň we öý hojalyklarynyň listingini geçirmek boýunça gollanma;
– Etraplarda, şäherlerde, şäherçelerde, oba ilatly ýerlerinde ýazuw bölümlerine we ýazuw bölümçelerine bölmek boýunça gollanma;
– 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň ýazuw kagyzlaryny doldurmak boýunça gollanma;
– Düzüminde ýöriteleşdirilen edaralary bar bolan ministrliklerde we edaralarda ilat ýazuwyny geçirmek boýunça gollanma;
– 2021-nji ýylda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň synaglaýyn ýazuwyny geçirmek boýunça gollanma;
– Ýazuw bölüminiň başlygynyň ýazuw depderçesi;
– Sanaýjynyň ýazuw depderçesi.

## 10. Ilat ýazuwy üçin goşmaça işgärler

10.1. Ilat ýazuwyna taýýarlyk görülýän we geçirilýän döwürde statistika edaralaryna goşmaça işgärleri işe çekmek meselesi has derwaýys bolýar we bu maksat bilen, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan “2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyna taýýarlyk görmek we geçirmek üçin Ilaty hasaba alyş müdirliginiň Ilat ýazuwy we demografiýanyň usulyýeti bölüminiň işgärleriniň düzüm sanyny köpeltmegiň delillendirmesi” taýýarlanyldy.

10.2. 2021-2022-nji ýyllarda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň merkezi edarasynyň düzüm birlikleriniň çäklerinde Ilaty hasaba alyş müdirliginiň Ilat ýazuwy we demografiýanyň usulyýeti bölümine 3 sany wezipe birligi geçirildi.

10.3. Ilat ýazuwyna taýýarlyk görülýän we geçirilýän döwürde wagtlaýyn goşmaça işgärleri işe çekmek üçin 2022-nji ýylyň 1-nji maýyndan 2023-nji ýylyň 28-nji fewralyna çenli aralykda welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň statistika müdirliklerinde 71 wezipe birligi döredildi:

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 6 | Balkan welaýaty | 11 | Lebap welaýaty | 10 |
| Ahal welaýaty | 13 | Daşoguz welaýaty | 16 | Mary welaýaty | 15 |

10.4. Ilat ýazuwyny, şol sanda synaglaýyn ilat ýazuwyny geçirmek, alnan maglumatlary toplamak we gaýtadan işlemek üçin işgärleri wagtlaýyn işe çekmek we olara hak tölemek işlerini tertipleşdirmek maksady bilen, “Ilat ýazuwyny geçirmek, alnan maglumatlary toplamak we gaýtadan işlemek üçin işgärleri wagtlaýyn işe çekmegiň, olara berilýän birwagtlaýyn tölegi hasaplamagyň we

tölemegiň Tertibiniň” taslamasy Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan işlenip taýýarlanyldy we degişli ministrlikler bilen ylalaşyldy.

10.5. 2021-nji ýylyň awgust aýynda “Ilat ýazuwyny geçirmek, alnan maglumatlary toplamak we gaýtadan işlemek üçin işgärleri wagtlaýyn işe çekmegiň, olara berilýän birwagtlaýyn tölegi hasaplamagyň we tölemegiň Tertibi” Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň buýrugy bilen tassyklanyldy we bu buýruk şol döwürde Türkmenistanyň Adalat ministrliginde döwlet belligine alyndy.

10.6. 2022-nji ýylyň oktýabr-dekabr aýlary aralygynda welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri tarapyndan sebitleriň häkimlikleriniň, bilim, saglygy goraýyş, maliýe we ykdysadyýet, zähmet we beýleki ýerli edaralarynyň, döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň işgärlerinden jemi 13 993 adam wagtlaýyn ýazuw işgärleri – ýazuw bölümleriniň başlyklary, sanaýjylar (ätiýaçdakylary goşmak bilen) toplandy:

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 1 497 | Balkan welaýaty | 1 032 | Lebap welaýaty | 2 929 |
| Ahal welaýaty | 1 973 | Daşoguz welaýaty | 3 200 | Mary welaýaty | 3 362 |

10.7. 2022-nji ýylyň 9-10-njy awgusty aralygynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň merkezi edarasynyň binasynda halkara bilermenleriň gatnaşmagynda Ilat ýazuwyna taýýarlyk görülýän we geçirilýän döwürde welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň statistika müdirliklerine işe çekilen wagtlaýyn goşmaça işgärler üçin okuw maslahaty geçirildi.

10.8. 2022-nji ýylyň 21-30-njy noýabry aralygynda welaýatlarda we Aşgabat şäherinde ilat ýazuwyna gatnaşjak wagtlaýyn ýazuw işgärleri üçin okuw maslahatlary geçirildi.

## 11. Ilat ýazuwynyň şygary we nyşany

11.1. 2020-nji ýylyň noýabr aýynda 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyna bagyşlanan iň gowy nyşan we şygar taýýarlamak bäsleşiginiň yglan edilendigi barada “Türkmenistan” we “Нейтральный Туркменистан” gazetlerinde bildiriş berildi.

11.2. 2021-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde Türkmenistanyň Prezidenti **«Ilat ýazuwy — 2022: Jebislik, Bagtyýarlyk, Röwşen geljek»** diýen şygaryň we Döwlet baýdagy, türkmeniň ak öýi, türkmen halysynyň gölleri hem-de çäräniň geçirilýän ýylyny alamatlandyrýan “2022” san şekillendirilen nyşanyň hödürlenen taslamalaryny makullady.

11.3. 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň makullanan nyşany we şygary ilat ýazuwy bilen baglylykda taýýarlanylan bukletlerde we bannerlerde, sanaýjylar üçin ýörite egin-eşiklerde we ýan torbalarda we käbir kanselýar harytlarda şekillendirildi.

11.4. 2022-nji ýylyň ýanwar aýynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň merkezi edarasynyň binasynda BMG-niň Ilat gaznasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň wekilleriniň gatnaşmagynda 2022-nji ýylda Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyna bagyşlanan iň gowy nyşan we şygar taýýarlamak bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak çäresi geçirildi.

Ilat ýazuwy 2022 - *Jebislik, Bagtyýarlyk, Röwşen geljek!*

## 12. Sanaýjylaryň ekipirowkasy

12.1. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň arasynda sanaýjylar üçin ýeňsizleri we ýantorbalary taýýarlamak barada şertnama baglaşyldy. Şol şertnama esasynda sanaýjylar üçin ilat ýazuwynyň nyşany we şygary şekillendirilen ýörite ýeňsizler we ýantorbalar taýýaranyldy.

12.2. Sanaýjylar üçin zerur kanselýar harytlary, planşet we gollanmalar taýýarlanyldy.

12.3. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň buýrugy bilen wagtlaýyn işe çekilýän ýazuw işgäriniň (ýazuw bölüminiň başlygynyň we sanaýjynyň) şahadatnamasynyň nusgasy tassyklanyldy.

12.4. 2022-nji ýylda geçirilen uçdantutma ilat ýazuwyny geçirmäge çekilen wagtlaýyn ýazuw işgärleri bu serişdeler bilen üpjün edildi.




## 13. Synaglaýyn ilat ýazuwy

13.1. Halkara maslahatlara laýyklykda synaglaýyn ilat ýazuwy uçdantutma ilat ýazuwynyň geçirilýän döwründen bir ýyl öň geçirilýär.

13.2. 2021-nji ýylda geçirilen ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň synaglaýyn ýazuwynyň maksady – ýazuw kagyzlaryny, programma üpjünçiligini, kompýuter enjamlaryny (planşetleri) synagdan geçirmek, alnan maglumatlary toplamagyň we işlemegiň guramaçylygyny barlamak hem-de 2022-nji ýylda geçiriljek ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmegiň tertibini kesgitlemekden ybarat.

13.3. 2021-nji ýylyň 17-27-nji dekabrynda Mary welaýatynyň Mary etrabynyň Saparmyrat Türkmenbaşy şäherçesinde (şäher ýeri) we Ahal welaýatynyň Bäherden ertabynyň Ýarajy geňeşliginiň Ýarajy we Kelete obalarynda (oba ýeri) ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň synaglaýyn ýazuwy geçirildi.

13.4. Synaglaýyn ilat ýazuwyna Mary we Bäherden ertaplarynyň häkimlikleriniň hem-de degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýerli edaralarynda zähmet çekýän işgärlerinden jemi 44 adam wagtlaýyn ýazuw işgäri hökmünde gatnaşdy.

13.5. 2021-nji ýylyň 10-16-njy dekabry aralygynda Ahal we Mary welaýatlarynyň statistika müdirliklerinde Synaglaýyn ilat ýazuwyna işe çekilýän wagtlaýyn ýazuw işgärleri üçin okuw maslahatlary geçirildi.

13.6. Synaglaýyn ilat ýazuwynyň netijeleri boýunça ýazuw kagyzlaryna we programma üpjünçiligine üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi.

## 14. Barmasy kyn bolan ýa-da uzakda ýerleşen ilatly ýerlerdäki ilat ýazuwy

14.1. Halkara tejribesine laýyklykda barmasy kyn bolan ýa-da uzakda ýerleşen ilatly ýerlerde ilat ýazuwy aýratyn we uçdantutma ilat ýazuwynyň geçirilýän döwründen birnäçe aý öň geçirililýär.

14.2. Barmasy kyn bolan ýa-da uzakda ýerleşen ýerlere etrap merkezinden ep-esli uzakda ýerleşýän we şol ýerlere durnukly ulag (awtomobil, suw, howa ulagy) gatnawy bolmadyk hem-de çylşyrymly tebigy-howa şertleri bolan ilatly ýerler degişli.

14.3. Barmasy kyn bolan ýa-da uzakda ýerleşen ýerleriň, ýagny çetki obalaryň sanawy welaýatlaryň häkimlikleri tarapyndan taýýarlanyldy.

14.4. 2022-nji ýylyň 17-27-nji oktýabry aralygynda Türkmenistanyň barmasy kyn bolan ýa-da uzakda ýerleşen 273 sany kiçi obalarynda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwy geçirildi:

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Ahal welaýaty | 103 | Daşoguz welaýaty | 28 | Mary welaýaty | 23 |
| Balkan welaýaty | 55 | Lebap welaýaty | 64 | | |

14.5. Barmasy kyn bolan ýa-da uzakda ýerleşen ilatly ýerlerde ilat ýazuwyny geçirmek üçin degişli etraplaryň ýerli edaralarynyň işgärlerinden 707 adam wagtlaýyn ýazuw işgärleri hökmünde gatnaşdylar:

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Ahal welaýaty | 198 | Daşoguz welaýaty | 44 | Mary welaýaty | 148 |
| Balkan welaýaty | 134 | Lebap welaýaty | 183 | | |

14.6. 2022-nji ýylyň 10-njy oktýabryndan 17-nji oktýabryna çenli barmasy kyn bolan ýa-da uzakda ýerleşen ýerlerde ilat ýazuwyny geçirmek üçin çekilen wagtlaýyn ýazuw işgärleri üçin okuw maslahaty geçirildi.

## 15. Uçdantutma ilat ýazuwy

15.1. 2022-nji ýylyň 16-njy dekabryndan 17-nji dekabryna geçýän gije 00:00 sagat ýagdaýyna görä Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyna başlanyldy.

15.2. Uçdantutma ilat ýazuwyna çekilen wagtlaýyn ýazuw işgärleri tarapyndan adaty ýaşaýyş jaýlarda ýaşaýan öý hojalyklary we olaryň ýaşaýan ýerleri baradaky maglumatlary 1-nji, 2-nji, 3-nji we 4-nji ýazuw kagyzylaryň blankalary boýunça maglumat toplandy.

15.3. Ýöriteleşdirilen edaralaryň işgärleri tarapyndan bu edaralarda (mekdep-internatlarda, garrylar öýlerinde, ýöriteleşdirilen edaralarda) wagtlaýyn ýaşaýan adamlar barada 3-ýörite we 5-nji ýazuw kagyzylarnyň blankalary boýunça maglumatlar toplandy.

15.4. Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň ýazuwlaryny geçirmek boýunça halkara maslahatlara laýyklykda, ähli maglumatlar ilatdan soraşma arkaly alnan jogaplaryň esasynda emele gelýär. Ähli maglumatlar ilat ýazuwynyň başlanýan senesi ýagdaýyna hasaplanylýar.

15.5. Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynda, konsullyk edaralarynda hem-de Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň daşary ýurtlarda işleýän raýatlarynyň we olaryň maşgala agzalarynyň, ilat ýazuwynyň geçirilýän wagtynda iş sapary ýa-da gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglylykda bir ýyldan we ondan köp wagtlyk ýurduň çäklerinden daşarda bolan Türkmenistanyň raýatlarynyň we olaryň ýaşaýyş jaý gorunyň ýazuwy geçirildi.

15.6. Serhet galalarynda, ýapyk harby şäherçelerde ýaşaýan harby gullukçylaryň we olaryň maşgala agzalarynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň ýazuwy geçirildi.

## 16. Ilat ýazuwy we köpçülik

16.1. Ilat ýazuwy barada halk köpçüliginiň arasynda habar beriş-düşündiriş işlerini geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň wekilleri we gazetleriň habarçylary tarapyndan aşakdaky makalalar ýazyldy we çap edildi:

– “Türkmenistanda ilat ýazuwy geçirilende halkara tejribesiniň peýdalanylyşy” - “Maliýe we ykdysadyýet” ylmy-amaly žurnaly, 2020ý., №5;

– “Электронная перепись населения Туркменистана – шаг в будущее” - “Нейтральный Туркменистан” gazeti, 7.10.2021ý.;

– “Ilat ýazuwy-2022”: wezipeler, aýratynlyklar, tejribeler” - “Türkmenistan” gazeti, 8.10.2021ý.;

– “Ilat ýazuwyna taýýarlykda halkara hyzmatdaşlyk” - “Türkmenistan” gazeti, 29.04.2022ý.;

– “Статистический потенциал на достаточном уровне” - “Нейтральный Туркменистан” gazeti, 29.04.2022ý.;

– “Türkmenistanda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyna taýýarlyk görülýär” - “Türkmenistan” gazeti, 24.11.2022ý.;

– “Туркменистан готовиться к сплошной переписи населения и жилищного фонда” - “Нейтральный Туркменистан” gazeti, 24.11.2022ý.;

– “Türkmenistanda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwy geçirilýär” - “Türkmenistan” gazeti, 17.12.2022ý.;

– “В Туркменистане дан старт переписи населения и жилищного фонда” - “Нейтральный Туркменистан” gazeti, 17.12.2022ý.;

– “Biz geljegi gurýarys” - “Türkmenistan” gazeti, 19.12.2022ý.;

– “Möhüm çärä bagyşlanan maslahat” - “Türkmenistan” gazeti, 21.12.2022ý.;

– “Перепись в Туркменистане проходит организованно и в установленные сроки” - “Нейтральный Туркменистан” gazeti, 21.12.2022ý.;

– “Möhüm çäre guramaçylykly barýar” - “Türkmenistan” gazeti, 23.12.2022ý.;

– “Aýdyň ertirleri nazarlap” - “Türkmenistan” gazeti, 24.12.2022ý..

16.2. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň www.stat.gov.tm web saýtynda “Ilat ýazuwy” atly bölüm açyldy we onda ilat ýazuwy boýunça alyp barylýan işler barada materiallar ýerleşdirildi.

16.3. Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny ündeýän we oňa işjeň gatnaşmaga çagyrýan wideorolikler milli teleýaýlymlar boýunça ýaýlyma goýberildi.

16.4. BMG-niň Ilat gaznasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde ilat ýazuwy barada bukletler we bannerler taýýarlanyldy.

16.5. Jemi 49 750 sany 3 görnüşde döwlet, rus we iňlis dillerinde taýýarlanylan bukletler welaýatlaryň ilatly ýerlerinde we Aşgabat şäherinde köpçüligiň bolýan ýerlerinde ýaýradyldy:

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 4 000 | Balkan welaýaty | 2 050 | Lebap welaýaty | 8 000 |
| Ahal welaýaty | 17 000 | Daşoguz welaýaty | 8 900 | Mary welaýaty | 9 800 |


ILATYŇ WE ÝAŞAÝYŞ JAÝ GORUNYŇ UÇDANTUTMA ÝAZUWY BARADA BILINMELI ZATLAR:
Sowalnamanyň jogaplary doldurylanda adamlardan şahsyýetini tassyklaýan we onuň ýaşaýan jaýy barada resminama talap edilmeýär.
Öý hojalygynyň baştutany maşgalanyň ähli agzalary üçin jogap berip biler.
Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynda alnan maglumatlaryň ýaşyrynlygy üpjün edilýär we olar diňe atsyzlandyrylan görnüşde ulanylar.
Ilat ýazuwy 2022
JEBISLIK, BAGTYÝARLYK, RÖWŞEN GELJEK
Agzybirlikde ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyna gatnaşalyň, geljegimizi bilelikde kesgitläliň!
Ilat ýazuwy 2022
JEBISLIK, BAGTYÝARLYK, RÖWŞEN GELJEK


ILATYŇ WE ÝAŞAÝYŞ JAÝ GORUNYŇ UÇDANTUTMA ÝAZUWYNDA NÄHILI MAGLUMATLAR ÝYGNALÝAR?
2022-nji ýylyň 17-27-nji dekabry aralygynda geçiriljek Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynda sanaýjylar öýme-öý aýlanyp, 4 sany aýry elektron ýazuw kagyzlarynyň esasynda adamlardan soraşma arkaly maglumat ýygnarlar.
Ikinji ýazuw kagyzynda: ýaşaýyş jaýa eýeçiligiň görnüşi, otaglaryň sany we görnüşleri, meýdany, jemagat hojalygy hyzmatlary we internet üpjünçiligi barada maglumat
Üçünji ýazuw kagyzynda: ýaşaýyş jaýda ýaşaýan adamlaryň sany, olaryň öý hojalygynyň baştutanyna bolan garyndaşlyklary barada maglumat
Birinji ýazuw kagyzynda: binanyň görnüşi, gurlan döwri, ýaşaýyş jaýyň diwarlarynyň materialy, üçegi we öýleriň sany barada maglumat
Dördünji ýazuw kagyzynda: adamlaryň ýaşy, milleti, jynsy, doglan ýeri, dili, raýatlygy, maşgala ýagdaýy, bilim derejesi, iş bilen meşgullygy, girdejileriniň çeşmeleri barada maglumat
SANAÝJYLARY NÄHILI TANAMALY?
Şahadatnama: Sanaýjylaryň ýörite şahadatnamasy bolýar.
Ýeňsiz: Sanaýjylaryň eginlerinde Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň resmi nyşany ýerleşdirilen ýaşyl ýeňsizi bolýar.
Ýantorba: Sanaýjylaryň ýanlarynda Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň resmi nyşany ýerleşdirilen ýaşyl reňkli ýantorbalary bolýar.


Ilat ýazuwy 2022
JEBISLIK, BAGTYÝARLYK, RÖWŞEN GELJEK
2022-nji ýylyň 17-27-nji dekabry aralygynda Türkmenistanda Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwy geçiriler.
Ilat ýazuwynyň maksady
Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyň baş maksady ilatyň demografik düzümi hem-de ýurdumyzyň raýatlarynyň durmuş-ykdysady ýagdaýy barada anyk maglumatlary almakdan ybarat, munuň özi döwletimiziň mundan beýläk-de ösmegi üçin ygtybarly binýady goýmaga, şeýle hem adam ösüşi üçin maýa goýumlarynyň esasy ugurlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berer:
Saglygy goraýyş edaralarynyň gurluşygy
Bilim edaralarynyň gurluşygy
Ähli amatlykly ýaşaýyş jaýlaryň gurluşygy
Ýol infrastrukturasynyň gurluşygy
Täze iş orunlarynyň döredilmegi
Sanaýjyny nähili tanamaly?
Sanaýjylaryň ýörite şahadatnamasy bolýar.
Sanaýjylaryň ýanlarynda ýaşyl reňkli ýantorbalary bolýar.
Sanaýjylaryň eginlerinde ýaşyl ýeňsiz bolýar.


Ilat ýazuwynda näme soralýar?
Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň dowamynda sanaýjylar 4 sany aýry elektron ýazuw kagyzlarynyň esasynda maglumat ýygnarlar.
Birinji ýazuw kagyzynda binanyň görnüşi, gurlan döwri, ýaşaýyş jaýynyň diwarlarynyň materialy, üçegi we öýleriň sany barada maglumat
Ikinji ýazuw kagyzynda ýaşaýyş jaýa eýeçiligiň görnüşi, otaglaryň sany we görnüşleri, meýdany, jemagat hojalygy hyzmatlary we internet üpjünçiligi barada maglumat
Üçünji ýazuw kagyzynda ýaşaýyş jaýda ýaşaýan adamlaryň sany, olaryň öý hojalygynyň baştutanyna bolan garyndaşlyklary barada maglumat
Dördünji ýazuw kagyzynda adamlaryň ýaşy, milleti, jynsy, doglan ýeri, dili, raýatlygy, maşgala ýagdaýy, bilim derejesi, iş bilen meşgullygy, girdejileriniň çeşmeleri barada maglumat
Sowalnamanyň jogaplary doldurylanda adamlardan şahsyýetini tassyklaýan we onuň ýaşaýan jaýy barada resminama talap edilmeýär.
Öý hojalygynyň baştutany maşgalanyň ähli agzalary üçin jogap berip biler.
Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynda alnan maglumatlaryň ýaşyrynlygy üpjün edilýär we olar diňe atsyzlandyrylan görnüşde ulanylar.
Agzybirlikde ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyna gatnaşalyň, geljegimizi bilelikde kesgitläliň!







16.6. Jemi 1489 sany taýýarlanylan bannerler welaýatlaryň iri ilatly ýerlerinde we Aşgabat şäherinde köpçüligiň bolýan ýerlerinde oturdyldy:

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 260 | Balkan welaýaty | 117 | Lebap welaýaty | 217 |
| Ahal welaýaty | 336 | Daşoguz welaýaty | 240 | Mary welaýaty | 319 |


2022-nji ýylyň 17-27 dekabry aralygynda Türkmenistanda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwy geçirilýär.
Ilat ýazuwy 2022
JEBISLIK, BAGTYÝARLYK, RÖWŞEN GELJEK


2022-nji ýylyň 17-27 dekabry aralygynda geçirilýän Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyna agzybirlikde gatnaşyp, has bagtyýar geljege tarap bilelikde ädim ädeliň!
Ilat ýazuwy 2022
JEBISLIK, BAGTYÝARLYK, RÖWŞEN GELJEK

16.7. Ilat ýazuwynyň gidişinde, ýagny 2022-nji ýylyň 15-28-nji dekabry aralygynda ilat ýazuwy barada halk köpçüliginiň arasynda habar beriş-düşündiriş işlerini geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Statstika baradaky döwlet komitetiniň merkezi edarasynda hem-de welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň statistika müdirliklerinde "gyssagly jaňlary" kabul ediş merkezi hereket etdi.

16.8. Türkmenistanda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň geçirilýändigi barada SMS habary "Altyn Asyr" ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti tarapyndan 01.11.2022 ý., 01.12.2022 ý., 15.12.2022 ý. senelerde müşderilere gelip gowuşdy.

*Hormatly ildeşler! Berkarar döwletimiziň mundan beýläk-de ösmegi üçin ygtybarly binýady döretmek maksady bilen, şu ýylyň 17-nji 27-nji dekabry aralygynda "Ilat ýazuwy – 2022: Jebislik, Bagtyýarlyk, Röwşen geljek!" şygar bilen Türkmenistanda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwy geçiriler. Agzybirlikde ilat ýazuwyna gatnaşalyň, öz geljegimizi bilelikde kesgitläliň! TürkmenStat*

## 17. Ilat ýazuwynyň jemleri

17.1. 2022-nji ýylda Türkmenistanda geçirilen ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň netijesi boýunça, 2022-nji ýylyň 17-nji dekabry ýagdaýyna ýurdumyzyň ilatynyň umumy sany 7 057,8 müň adama, şol sanda erkekleriň sany 3 526,4 müň adama we aýal-gyzlaryň sany 3 531,4 müň adama deň boldy. Ilatyň 47,1%-i şäher ýerlerinde, 52,9%-i bolsa, oba ýerlerinde ýaşaýar.




17.2. Ilat ýazuwynyň netijeleri esasy görkezijiler boýunça mowzuklaýyn tablisalaryň ýüzlerçesinde jemlendi.

17.3. 2022-nji ýylda geçirilen Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň netijeleri boýunça Türkmenistanyň ilatynyň sany we onuň çäkler boýunça ýerleşişi, onuň ýaş we jyns hem-de milletler boýunça düzümi barada, şeýle-de onuň migrasiýa hereketi we raýatlygy barada giňişleýin maglumatlar alyndy.

17.4. Türkmenistanyň 15 we ondan uly ýaşdaky aýallarynyň sanynyň çäkler, ýaşy, şol sanda halkara standartlaryna laýyklykda çaga dogurmaga ukyply ýaşdaky topara (15–49 ýaş) bölmek bilen, bilim derejesi barada, şeýle-de 15 we ondan uly ýaşdaky çaga dogran aýallaryň hem-de olaryň dogran çagalarynyň, şol sanda diri dogran çagalarynyň sany barada maglumatlar jemlendi.

17.5. Türkmenistanyň 10 we ondan uly ýaşdaky ilatynyň bilim derejesi, 6 we ondan uly ýaşly okaýanlaryň gatnaýan bilim edaralarynyň kysymy boýunça bölünişiginde, şeýle-de 0–5 ýaşly çagalaryň mekdebe çenli edaralara gatnaşygy barada maglumatlar toplandy.

17.6. Türkmenistanyň öý hojalyklarynyň sany we olaryň adam sany, çagalarynyň sany, öý hojalyklarynyň çäkler boýunça paýlanyşy, baştutanlarynyň jyns we ýaş toparlary hem-de düzümi barada, şeýle-de, öý hojalyklarynyň ýaşaýyş serişdeleriniň esasy çeşmeleri, olaryň ýaşaýyş jaýlarynyň ýaşaýyş şertler bilen üpjünçiligi we internetiň elýeterligi barada maglumatlar alyndy.

17.7. Türkmenistanyň işçi güýji, ýagny Türkmenistanyň zähmete ukyply ýaşdaky ykdysady taýdan işjeň ilatynyň iş bilen meşgullygy baradaky alnan maglumatlar olaryň ýaş toparlary, gender alamaty, esasy iş ýeri, iş bilen meşgullygyň görnüşleri boýunça bölünişikde toplandy.

17.8. Türkmenistanyň ilatynyň ýaşaýan ähli kysymdaky ýaşaýyş jaýlarynyň ýagdaýyny häsiýetlendirýän maglumatlar, ilatyň ýaşaýan ýaşaýyş binalarynyň gurlan döwri, ýaşaýyş jaýlaryň sany we meýdany barada maglumat alyndy.

17.9. Bu ilat ýazuwynda ilkinji gezek ýöremekde, görmekde, eşitmekde we ýatda saklamakda kynçylyk çekýän 5 we ondan uly ýaşdaky adamlar barada maglumatlar alyndy.

17.10. Ilat ýazuwynyň netijeleri boýunça degişli mowzukly birnäçe bölümleri öz içine alýan “**Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň jemleri 2022**” atly kitap türkmen, rus we iňlis dillerinde taýýarlanyldy.

17.11. Bu kitapda ilat ýazuwynyň netijeleri «Ilatyň sany we ýerleşişi», «Ilatyň jyns-ýaş düzümi we nika ýagdaýy», «Bilim», «Ilatyň milleti we bilýän dilleri boýunça düzümi», «Çaga dogluşy», «Migrasiýa we raýatlyk», «Ýaşaýyş serişdeleriniň çeşmeleri», «Öý hojalyklarynyň sany we düzümi», «Ilatyň iş bilen meşgullygy», «Ýaşaýyş jaý gory» we «Ilatyň ýaşaýyş şertleri» mowzuklar boýunça bölümlere bölünip berilýär. Maglumatlar jemi 403 sany tablisalarda we diagrammalarda jemlendi.




## 18. Ilat ýazuwynyň jemlerini ýaýratmak

18.1. Ilat ýazuwynyň netijelerini köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň üsti bilen ilata we dünýä jemgyýetçiligine giňden wagyz etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň resmi internet sahypasynda geçirilen ilat ýazuwynyň gutarnykly jemleriniň esasy görkezijileri boýunça maglumatlar ýerleşdirildi.

18.2. Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň gutarnykly jemlerini açyp görkezýän iki sany (giňişleýin we gysga) wideorolikler milli teleýaýlymlar boýunça ýaýlyma goýberildi.

18.3. Toplumyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda 2022-nji ýylda geçirilen Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň jemlerine bagyşlanyp tegelek stol duşuşygy geçirildi.

18.4. Ýurdumyzyň gazet-žurnallarynda ilat ýazuwynyň jemlerine bagyşlanan makalalar çap edildi:

– «Ilat ýazuwynyň jemleri: YGTYBARLY ÖSÜŞ – RÖWŞEN GELJEGIŇ BINÝADY» - «Türkmenistan» gazeti, 22.07.2023ý.;

– «2022-nji ýylda Türkmenistanda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmegiň döwrebap usullary we demografik jähtleri» - «Maliýe we ykdysadyýet» ylmy-amaly žurnaly, 2023г. №4;

18.5. «MIR24» teleýaýlymy üçin edilen Türkmenistanda geçirilen ilat ýazuwyna we onuň jemlerine bagyşlanan ýazgy ýaýlyma goýberildi.

## 19. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk

19.1. Birleşen Milletler Guramasy 2022-nji ýylda Türkmenistanda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwyny geçirmekde işjeň ýardam etdi.

19.2. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen Birleşen Milletler guramasynyň Ilat Gaznasynyň arasyndaky “Durnukly milli ösüş üçin jikme-jik maglumatlar” atly taslamanyň 2020 – 2022-nji ýyllar üçin ýyllyk Iş meýilnamalarynyň çäklerinde Ilat ýazuwynyň usulyýet gollanmalarynyň, şol sanda ýazuw kagyzlarynyň üstünde işlemek üçin halkara bilermenler çekildi.

19.3. BMG-niň Ilat gaznasy tarapyndan çekilen halkara bilermenler wagtlaýyn ýazuw işgärleri üçin okuwlary geçirdiler.

19.4. BMG-niň Ilat gaznasy tarapyndan Hökümetiň serişdeleriniň hasabyna ilat ýazuwy üçin abraýly daşary ýurt IT kompaniýalardan häzirki zaman kuwwatly tehnika satyn alyndy.

19.5. BMG-niň ýokary derejeli wekiliýetiniň Türkmenistana iki sany iş sapary guraldy. Bu wekiliýetiň düzümine BMG-niň Statistika bölüminiň demografik statistikasy departamentiniň, Ýewropa Ykdysady Komissiýasynyň, Ilat gaznasynyň Sebitleýin edarasynyň statistika departamentleriniň, şeýle hem GDA-nyň Döwletara Statistika komitetiniň degişli departamentiniň ýolbaşçylary girdi.

19.6. BMG-niň ýokary derejeli wekiliýetiniň birinji saparynda ilat ýazuwynyň usulyýet we guramaçylyk meseleleri boýunça maslahatlar berildi.

19.7. BMG-niň ýokary derejeli wekiliýetiniň ikinji saparynyň maksady – ilat ýazuwynyň gidişine syn etmek we baha bermekden ybarat boldy.

19.8. Ýokary derejeli wekiliýet Türkmenistanda döredilen milli mümkinçilikleriň şu ýazuw geçirilende türkmen öndürijileriniň öndüren planşet kompýuterlerinden we olary dolandyrýan programmalaryndan peýdalanylmagyna ýardam edendigini bellediler.

19.9. BMG-niň ýokary derejeli wekiliýeti halkara standartlara doly laýyklykda geçirilen bu uly çärä ýokary baha berdi.